TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ

HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ UMUMADAMZAT ÄHMIÝETLI PARAHATÇYLYK TAGLYMATY WE HÄZIRKI ZAMANYŇ MÖHÜM MESELELERI

(ylmy makalalaryň ýygyndysy)

***Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna***

Aşgabat

“Ylym” neşirýaty

2023

UOK 008:82+001(575.4)
M 16

M 16 **Magtymguly Pyragynyň umumadamzat ähmiýetli parahatçylyk taglymaty we häzirki zamanyň möhüm meseleleri.** Ylmy makalalaryň ýygyndysy. – A.: Ylym, 2023. – 240 s.

Kitap Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty tarapyndan Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanylyp taýýarlanyldy.

Ýygyndy üç sany tematiki bapdan ybarat bolup, olarda her babyň adyna laýyk gelýän makalalar ýerleşdirildi.

Ýygyndynyň birinji baby «Magtymguly Pyragynyň döwletlilik taglymatynyň Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň milli bähbitlerini üpjün etmekdäki binýatlyk orny» diýlip atlandyrylyp, onda Magtymgulynyň syýasy-jemgyýetçilik meseleler bilen baglanyşykly garaýyşlary seljerilýär. Bu bapda ýerleşdirilen makalalaryň häsiýetli taraplarynyň biri olarda Magtymgulynyň döredijiliginde gozgalýan we onuň döwründe bolup geçen wakalaryň häzirki zaman şertlerindäki derwaýyslygynyň nukdaýnazaryndan seljerme bermeklige synanyşyk edilendigidir.

Ýygyndynyň «Magtymgulynyň paýhas-filosofiki we ahlak-edep garaýyşlarynyň terbiýeçilik ähmiýeti» atly ikinji babyndaky makalalarda Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde paýhas-filosofiki, ruhy-ahlak gymmatlyklaryň, ynsan edebi adamkärçilik, terbiýe we wagyz-nesihat meseleleriniň şu gün bilen baglanyşygy baradaky pikirler öňe sürülýär.

Ýygyndynyň üçünji baby «Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy adamzat medeniýetiniň genji-hazynasydyr» diýlip atlandyrylyp, onda degişli temadaky derwaýys meseleleriň derňewine bagyşlanylan makalalar ýerleşdirildi.

Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № 235, 2023 KBK 71+84+72 (Tü)

© Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary instituty, 2023
© “Ylym” neşirýaty, 2023

hoşniýetlilik baradaky arzuwlarydyr gymmatly ündewleriniň bu Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň alyp barýan döwlet syýasatynyň esaslaryny düzýändigini görmek bolýar.

Hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň amal eden bu eşretli durmuşy Magtymguly Pyragynyň arzuw eden zamanasydyr. Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanan baýramçylyk dabaralary türkmen halkynyň gudratly senetkäri we beýik söz ussady Magtymgulynyň edebi mirasyna goýulýan uly hormatdan, sarpadan nyşandyr.

## EDEBIÝAT


1. *Serdar Berdimuhamedow.* “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri we Magtymguly Pyragy” atly halkara ylmy maslahata gatnaşyjylara Gutlagy. – A.: 2023. – 24 iýun. // Türkmenistan. – 2023. – 26-njy iýun.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 8-nji tom. – A.: TDNG, 2015.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň parahatçylygyň we ynanyşmagyň hatyrasyna halkara hyzmatdaşlygy atly halkara maslahatda eden Çykyşy. – A.: 2021. – 15-nji aprel. // Türkmenistan. – 2021. – 16-njy aprel.

4. *Magtymguly*. – A.: TDNG, 2008.

5. Türkmenistan. – 2021. – 15-nji ýanwar.

6. www.tdh.gov.tm

7. www.mfa.gov.tm



**Öwezdurdy Muhammetberdiýew**

*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň professory, sosiologiýa ylymlarynyň doktory, professor*


# MAGTYMGULYNYŇ FILOSOFIÝASYNYŇ TOPLUMLAÝYN ÖWRENILMEGINIŇ WAJYPLYGY DOGRUSYNDA

Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow Magtymgulynyň eserleriniň 2013-nji ýylda neşir edilen iki jiltlik kitabyna «Magtymguly – ynsan kalbynyň ruhy lukmany» at bilen ýazan sözbaşysynda: «...Magtymgula diňe şahyr hökmünde garalsa, bärden gaýdyldygy bolar. Ol diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem dünýäniň pelsepewi pikirlerini ösdüren akyldar şahyrdyr» – diýip nygtaýar[1, 3 s.]. Bu, hakykatdan-da, şeýledir. Magtymgula degişlilikde ýöne ýerden «filosof», «akyldar» diýlen epitetler ulanylmaýar. Onuň edebi döredijiliginde dünýäniň, adamzat durmuşynyň filosofik meselelerine degişli ýüzlerçe pikirdir garaýyşlar duş gelýär.

Eger Magtymguly Pyragy barada ýazylan ilkinji iş hökmünde XVIII asyryň ortalarynda rus diplomatiýasynda işlän polýak ýazyjysy A.Hodzko Boreýkonyň 1842-nji ýylda Londonda neşir edilen «*Spesiments of the poetry of Persia*» atly işi kabul edilse, onda beýik şahyryň uç-gyraksyz, çäksiz ummana çalymdaş edebi mirasynyň öwrenilip başlanylany bäri indi 180 ýyldan gowrak wagt geçipdir. Şu aralykda Pyragynyň ömri we döredijiligi hakynda ýazylan ylmy işleriň, makalalaryň, edebi eserleriň, teswirleriň sany sanardan kän[2].

Magtymgulynyň edebi döredijiligine degişli ilkinji ylmy işler XIX asyryň ikinji ýarymynda I.N.Berezin we F.Bakulin, XX asyryň başlarynda akademik A.Samoýlowiç [3, 14 s.], şol asyryň ortalarynda we 60-njy ýyllarynda B.A.Garryýew, M.Kösäýew, Z.B.Muhammedowa ýaly alymlar tarapyndan ýazyldy [4, 32 s.]. Magtymgulynyň ömrüniň we döredijiliginiň öwrenilmegine degişli öz uly göwrümli ylmy işlerini geçen asyryň 80–90-njy ýyllarynda M.Annanepesow, J.Allakow, A.Bekmyradow, A.Aşyrow, R.Rejepow, A.Meredow ýaly alymlar ýazdylar [5, 25 s.].

Magtymgulynyň edebi döredijiliginiň ylmy esaslarda öwrenilmegi häzir hem dowam edýär. Emma muňa garamazdan, Magtymgulynyň baý edebi mirasynyň, hususan-da, şahyryň pelsepewi (filosofiki) garaýyşlarynyň çuňňur we düýpli (fundamental) derňewi şu güne deňiç amala aşyrylman gelýär. Elbetde, Magtymgulynyň ol ýa-da beýleki bir filosofik garaýyşlaryna aýratynlykda bagyşlanylan ylmy işler az däl. Mysal üçin, Magtymgulynyň ontologik (*barlygyň filosofiýasy*) garaýyşlary, hususan-da, onuň metafiziki garaýyşlary babatynda aýdylanda, olaryň ylmy derňewi belli bir derejede edebiýatçy A. Şyhnepesow [6, 21s.], ýazyjy hem publisist O.Ödäýew tarapyndan amala aşyryldy [7, 14 s.] .

Magtymgulynyň gnoseologik (*akyl ýetiriliş işiniň filosofiýasy*) garaýyşlary barada eýranly magtymgulyşynas Hajy Myratdurdy Gazynyň, filosofiýa ylymlarynyň doktory N.Baýramsähedowyň, ýazyjy H.Durdyýewiň işlerinde belli bir pikirler öňe sürüldi [8, 45 s.].

Magtymgulynyň estetiki (*gözelligiň filosofiýasy*) garaýyşlaryny A.Gylyçdurdyýew we S.Rejepow ýaly türkmen alymlary öwrendiler. Magtymgulynyň etiki (*ahlagyň filosofiýasy*) garaýyşlaryna bagyşlanylan ýörite ylmy barlag filosof T.Orazow tarapyndan ýerine ýetirildi[9, 31 s.].

Magtymguly Pyragynyň antropologik *(adam we adam ömrüniň manysy baradaky filosofik taglymat*), hususan-da, onuň gumanistik (ynsanperwerlik) garaýyşlary baradaky pikirleri bilen professor B.Basarow öz ylmy makalalarynda paýlaşdy. Pyragynyň ekologik-gumanistik garaýyşlarynyň ýörite derňewi filosof O.Ezimowa tarapyndan kandidatlyk dissertasiýasy görnüşinde amala aşyryldy.

Magtymgulynyň teologiki (*diniň filosofiýasy*) garaýyşlarynyň ylmy derňewine akademik G.O.Çaryýew, pofessor G.B.Akyniýazow, alym hem ýazyjy

A. Haýydow dagylar öz ylmy işlerinde synanyşyk etdiler[10]. Elbetde, bu alymlaryň işlerinde sowet ideologiýasynyň talaplary göz öňünde tutulyp, Magtymguly belli bir derejede ateist, antiklerikalist, sekulýarizme (dünýewilege) ýykgyn edýän şahyr hökmünde suratlandyrylan hem bolsa, olaryň işlerini Magtymgulynyň teologiki garaýyşlarynyň ylmy derňewi hökmünde kabul etmek mümkin.

Magtymgulynyň yslam filosofiýasynyň esasy ugry bolan sufizmiň çygrynda döreden eserleriniň aglaba bölegi sowetler döwründe neşir edilmedi we biziň alymlarymyzyň köpüsi onuň çap edilen eserlerini, esasan, marksistik nukdaýnazardan öwrenmäge çalyşdylar. Elbetde, bu meselede biz ol alymlary günälemekden saklanýarys. Beýik Pyragynyň eserleriniň her alym tarapyndan döwrüň talaplaryna laýyklykda öwrenilendigi belli.

Garaşsyzlyk döwründe Magtymgulynyň sufistik garaýyşlarynyň düýpli ylmy derňewi bilen baglanyşykly iň şowly synanyşyklaryň biri hökmünde M. Annamuhamedowyň doktorlyk dissertasiýasyny görkezmek mümkin[11].

Magtymgulynyň edebi mirasynda filosofiýanyň sosial filosofiýa, ýagny başgaça aýdanymyzda, jemgyýetçilik durmuşynyň filosofiýasyna (*filosofiýanyň sosial barlygyň – jemgyýet, döwlet, häkimiýet, sosial adalatlylyk, maşgala we ş.m. meseleleri hakyndaky taglymaty*) degişli oý-pikirler, şu güne çenli hem öz gymmatyny saklap gelýän garaýyşlar örän kän. Magtymgulynyň sosial-filosofik garaýyşlarynyň ylmy derňewine ilkinji synanyşyklar ýokarda hem ady agzalan, akademik G. O. Çaryýew tarapyndan amal edildi [12]. Elbetde, akademigiň öz derňewini marksistik taglymatyň çygrynda alyp baranlygy sebäpli, onuň şahyryň sosial-filosofik garaýyşlary bilen baglanyşykly öňe sürýän pikirleriniň hemmesi bilen doly ylalaşmak mümkin däl. Emma muňa garamazdan, bu alymyň Magtymgulynyň sosial-filosofik garaýyşlarynyň ýöriteleşdirilen ylmy derňewine ilkinji bolup şowly synanyşyk edenligini hem inkär etmek bolmaz. Biziň pikirimizçe, Magtymgulynyň sosial-filosofik garaýyşlarynyň düýpli derňewi geljekde amala aşyrylmaga degişli wezipeleriň hataryna girýär.

Edil şonuň ýaly, Magtymgulynyň edebi döredijiliginiň häzirki zaman filosofiýasynyň ekzistensializm, fenomenologiýa, germenewtika ýaly ugurlaryna degişli garaýyşlarynyň ylmy derňewleri hem geljekde alnyp barylmaly işleriň hataryna girizilmeli.

Elbetde, Magtymgulynyň filosofik taglymatynyň düýpli ylmy derňewini geçirmek bir ýa-da iki alymyň başarjak işi däl. Bu iş Türkmenistanda dürli ugurlarda işleýän alymlaryň gatnaşmagynda alnyp barylmaly iş.

Umuman, biziň pikirimizçe, Magtymgulynyň filosofiýasynyň toplumlaýyn görnüşde öwrenilmegi şu günüň iň wajyp meseleleriniň biri hökmünde kabul edilip, ýakyn geljekde «Magtymguly – filosof» diýen at bilen alymlaryň giň toparynyň gatnaşmagynda uly göwrümli monografik şekildäki ylmy derňewe girişilmeli.

Şeýle derňewiň esasynda taýýarlanylan ady bir kitabyň neşir edilmeginiň bolsa, Magtymgulynyň 300 ýyllyk ýubileýine iň gowy sowgatlaryň biri boljakdygy öz-özünden düşnüklidir.

## EDEBIÝAT


1. *Magtymguly*. Eserler toplumy. I jilt. – A.: TYA, 2013.

2. *Chodzko A.* Spesiments of the poetry of Persia. – London: 1842.

3. *Березин И.Н.* Турецкая хрестоматия. Т.2. – Казан: 1862;

4. *Бакулин Ф.* Песни у туркмен и поэт их Махтумкули. ЗВО. Известия Кавказкого отдела русского географического общества. – Тифлис, 1872, №3.

5. *Самойлович А.* Указатель к песням Махтумкули. Записки Восточного отделения императорского – Русского археологического общества (ЗВОРАО). – Спб, 1909.

6. Магтымгулы ве онуң чепер дили. – А.-М.: (докторлык иш) 1948.

7. *Мухамедова З.* Язык астрабадской рукописи Дивана Махтумкули (по материалам Ленинграда). Диссертация на соискание уч. степени канд. филологических наук. – М., 1948.

8. М. Көсәев , Эдебият барада сөхбет. – А.: Түркменистан, 1972.

9. Режебов Р. Магтымгулының доглан йылыны аныкламак угрунда. Кт.: Магтымгулы (шахырың өмрүне ве дөредиҗилигине дегишли макалалар йыгындысы). – А.: ТДН., 1960.

10. *Режебов Р.* Эдебият ылмына дегишли терминлериң сөзлүги. – А.: 1966.

11. *Аннанепесов М.* Магтымгулы ве онуң заманасы. – А., 1990.

12. *Аннанепесов М.* Түркменистаның тарыхындан материаллар. (XVIII асыр – XX асырың баш.). – А.: Магарыф, 1995.

13. *Бекмырадов А.* Магтымгулы хем Ахмет Дүрраны. // Совет эдебияты. – 1988. №11,1990; Бекмурадов А. Поэтическое мастерство Махтумкули Фраги, Автореф. дисс.на соискание уч.степ.доктора филол.наук, Ашгабат, 1990.

14. *Aşyrow A.* Magtymgulynyň golýazmalary: ylmy-tekstologik barlaglar . Dil-edebiýat ylymlarynyň doktory diýen alymlyk derejesini almak üçin ýazylan diss. awtoreferaty. – A. 1995.

15. *Şyhnepesow A.* Magtymgulynyň çeper pikirlenmesiniň struktura aýratynlygy. Dil-edebiýat ylym.kand.diýen alymlyk derejesini almak üçin ýazylan diss.awtoreferaty. – A. 1994.

16. *Şyhnepesow A.* XVIII asyr türkmen edebiýaty. (Tekstiň çeperçilik derňewi). Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.: TDNG, 2010.

17. *Ödäýew O.* Magtymguly Pyragy. Makalalar – A.: TDNG, 2014.

18. *Hajy Myratdurdy Gazy*. Edebi miras. Magtymgulynyň syrly setirleri hakda berlen düşündiriş. Günbedgabus: “Gabus”, 1999.

19. *Baýramsähedow N.* Danalara uýsaň. Oçerkler, – A.: Türkmenistan, 1995

20. *Gylyçdurdyýew A.* Magtymgulynyň estetik garaýyşlary we häzirki zaman – A.: Ylym, 1987.